Iş saýlanyňyzda, öz mümkinçiligiňiziň çäginde başaryp biljek, özüňize ýakyn bolan hem-de ondan lezzet alyp biljek işiňizi saýlaň.
Söwda – bu onlaýn däl we onlaýn satuwlaryň ähli görnüşlerini, şol sanda daşary ýurt şerejetlerinden haryt eksportyny we importyny öz içine alýan, çalt ösýän hem-de işjeň pudakdyr. Üstünlikli kärhana gurmak üçin, söwda sferasy ykdysady görkezijiler, bazar mehanizmleri, maliýe seljerişi we alyjy psihologiýasy baradaky bilimleriň ähmiýeti bilen häsiýetlendirilýär. Söwda hünärleri gönüden-göni satuw, menejerler, logistika we marketologlar bilen baglanyşykly toparlara bölünýär.
Bazar öwreniji (marketelog). Söwda kärhanasynyň teklibi bilen maksatly diňleýjiniň jedelini birleşdirýän, ussat dörediji we gözlegçi.
Onuň jogapkärçilikleri: Bazary öwrenmek; Bäsdeşleriň işine monitoring etmek; Nyrhlary emele getirmeklige gatnaşmak; Maksatly diňleýjileri gyzyşdyrmak; Hemişelik müşderileri saklamagyň üstünde işlemek; Sarp edijileriň synlaryna we teswirlerine esaslanýan önümlere ýa-da hyzmatlara talaplary döretmek; Geljegi uly satuw akabaryny we bazar segmentlerini kesgitlemek; Marketing gözlegleriniň netijelerine esaslanýan meýilnamalaşdyrmak we çaklamak.
Marka dolandyryjysy. (Brend menejer) Guramanyň mertebesi we tanymallygy üçin jogapkär hünärmen.
Esasy wezipeleri: Markanyň konsepsiýasyny işläp düzmek we wizual dizaýnyny ösdürmek; Dizaýnerler, grafiki dizaýnerler, programma üpjün edijiler we mahabat berijiler üçin döredijilik we tehniki ýumuşlary taýýarlamak; Kärhananyň maglumat platformalarynda we metbugatda tanyşdyrylyşyny gurnamak ; Kärhananyň ýörelgelerini we däp-dessurlaryny sarp edijilere ýetirmek; Müşderiniň ynamyny we höwesini ýokarlandyrmak. Marka dolandyryjysy, satuw nukdaýnazaryndan yzda galan bir markanyň ýa-da önümleriň belli bir görnüşiniň öňe gitmegi bilen meşgullanýar.
Logistik. Satyjydan sarp edijä çenli önümiň zynjyry üçin jogapkär ulag derňewçisi.
Jogapkärçilikleri: Logistika shemalaryny we ugurlaryny düzmek; Ulag kompaniýalary we daşaýjylar bilen aragatnaşyk saklamak; Ulag çykdajylaryny göz öňünde tutup, täsirli satuw kanallaryny saýlamak we haryt satyn almak; Müşderilere önümleriň ýetirilmegini guramak. Hünärmenler söwda kärhanalarynyň doly işleýän işgärleriniň bir bölegi bolup biler ýa-da hyzmatdaşlyk şertnamasy boýunça işleýärler we daşaýjylaryň bähbitlerine wekilçilik edýärler.
Gözegçi. (Superwaýzer) Dükanyň işine gözegçilik edýän, satuw meýdançasynyň dolandyryjysy. Ýerine ýetirýän işleri: Satyjylaryň, söwdagärleriň we hasapçylaryň işini guramak; Satuw meýdanynda harydyň ýerleşişine, bahanyň kesgitlenmegine we harydyň goruna gözegçilik etmek; Müşderiler bilen aragatnaşyk; Jedelleri we dawa ýagdaýlaryny çözmek.

Все права защищены

**Satlyk MUHAMMETBERDIÝEW**
**Türkmenistanyn Söwda we dasary**
**ykdysady aragatnasyklar Ministrliginiň**
**Sowda-kooperatiw mekdebiniň**
**okuw isler boyunca orunbasary**

Все права защищены